Türkmenistanyň Daşky gurşawy
goramak ministriniň 2023-nji ýylyň
28-nji awgustynda çykaran 46-Ö
belgili buýrugy bilen tassyklandy

# Türkmenistanyň Döwlet tokaý goragy hakynda DÜZGÜNNAMA

## I bap. Umumy düzgünler

1. Türkmenistanyň Döwlet tokaý goragy hakynda düzgünnama (mundan beýläk – Düzgünnama) 2011-nji ýylyň 25-nji martynda kabul edilen Türkmenistanyň Tokaý kodeksiniň 17-nji maddasynyň birinji böleginiň $7^1$-nji bendine hem-de 21-nji maddasynyň üçünji bölegine laýyklykda işlenip taýýarlanyldy we Türkmenistanyň Döwlet tokaý goragynyň (mundan beýläk – Döwlet tokaý goragy) döredilmeginiň tertibini, onuň wezipelerini, ygtyýarlyklaryny hem-de gurluşyny belleýär.

2. Döwlet tokaý goragy Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak ministrliginiň (mundan beýläk –ygtyýarly edara) Tokaý hojalygy müdirliginiň düzüminde döredilýär we döwlet tokaý hojalyk kärhanalarynyň (mundan beýläk – tokaý hojalyklary) işgärlerinden düzülýär.

3. Döwlet tokaý goragy öz işinde Türkmenistanyň Konstitusiýasyndan, Türkmenistanyň Tokaý Kodeksinden, Türkmenistanyň Kanunlaryndan we beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryndan hem-de şu Düzgünnamadan ugur alýar.

## II bap. Döwlet tokaý goragynyň maksady we wezipeleri

4. Döwlet tokaý goragynyň maksady: tokaýlary goramak tokaýlarda zyýanly organizimleri (belli bir şertlerde tokaýlara ýa-da tokaý baýlyklaryna zyýan ýetirmäge ukyply ösümlikeri, haýwanlary, kesel dörediji organizimleri) we olaryň ýaýramagynyň öňüni almaga, karantin desgalaryna degişli zyýanly organizimleriň ojaklary ýüze çykarylan mahalynda bolsa, olary çäklendirmek we ýok etmekdir.

5. Döwlet tokaý goragynyň wezipelerine şular degişlidir:

1) ýuridik we fiziki şahslaryň ählisi tarapyndan Türkmenistanyň tokaý kanunçylygynyň talaplarynyň berjaý edilişine gözegçilik etmek;

2) tokaýlary goramak, ýangynlaryň öňüni almak, olary öz wagtynda ýüze çykarmak we olara garşy göreşmek boýunça çäreleri guramak;

3) tokaýdan peýdalanmak kadalarynyň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmek;

4) tokaý gaznasynyň çäginde aw awlamak kadalarynyň we möhletleriniň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmek;

5) tokaýda zyýanly mör-möjekleri we tokaýyň kesellerini ýüze çykarmak boýunça çäreleri geçirmek;

6) tokaýlary ýangyndan, özbaşdak çapmalardan goramagyň guralyşyna we tokaý gaznasyna girmeýän tokaýlarda beýleki bozulmalara gözegçilik etmek;

7) tokaýlaryň ýagdaýyna, peýdalanylyşyna we üznüksiz köpeldilip durulmagyna gözegçilik etmek.

## III bap. Döwlet tokaý goragynyň wezipeli adamlarynyň borçlary, hukuklary we ygtyýarlygy

6. Döwlet tokaý goragynyň wezipeli adamlarynyň borçlary şulardan ybarat:

1) tokaý gaznasyny abat saklamak;

2) tokaý gaznasyny rejeli peýdalanmak;

3) tokaý gaznasyny goramak;

4) tokaýlary üznüksiz köpeldip durmak;

5) tokaýy köpeltmek babatda döwlet gözegçiligini amala aşyrmak.

7. Türkmenistanyň Döwlet tokaý goragyň wezipeli adamlary şu aşakdaky hukuklara eýedirler:

1) tokaý gaznasynyň ýagdaýyna, abat saklanylyşyna, goralyşyna, peýdalanylyşyna, tokaýlaryň üznüksiz köpeldilişine we olaryň döredilişine barlaglary geçirmek üçin edaralara päsgelçiliksiz barmaga;

2) Türkmenistanyň tokaý kanunçylygy babatda administratiw hukuk bozulmalary hakynda teswirnamalary düzmäge;

3) ýuridik we fiziki şahslara Türkmenistanyň tokaý kanunçylygyny bozmak bilen tokaý gaznasyna ýetirilen zyýany töletmek hakynda Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertipde Döwlet tokaý goragynyň adyndan talaplary bildirmäge.

8. Döwlet tokaý goragynyň wezipeli adamlary Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde geýim we gulluk ýaragy bilen üpjün edilýär.

9. Döwlet tokaý goragynyň gulluk ýaragyny götermäge hukuk berilen wezipeli adamlary gulluk ýaragyny saklamakda, götermekde we

ulanmakda Türkmenistanyň “ Ýarag hakynda” Kanunynda bellenen tertibi berjaý etmäge borçludyrlar.

## IV bap. Döwlet tokaý goragyň gurluşy

10. Döwlet tokaý goragynyň işine umumy ýolbaşçylygy Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak ministri amala aşyrýar we ol şol bir wagtda Döwlet tokaý goragynyň başlygy bolup durýar.

11. Döwlet tokaý goragyň başlygy:

1) tokaý gaznasynyň ýagdaýyna, abat saklanylyşyna, goralyşyna, peýdalanylyşyna, tokaýlaryň üznüksiz köpeldilip durulmagyna we tokaýyň köpeldilişine döwlet gözegçiliginiň amala aşyrylmagyna gözegçilik edýär;

2) öz ygtyýarlygynyň çäginde tokaý gaznasyndan peýdalanyjylaryň tokaý gaznasynyň meýdanlarynda tokaýdan peýdalanmak hukugyny, şeýle hem tokaýlaryň ýagdaýy we üznüksiz köpeldip durulmagy üçin howp döredýän işleri togtadýar, çäklendirýär, bes edýär;

3) tokaý gaznasyny abat saklamagyň, goramagyň, peýdalanylmagyň, tokaýlary üznüksiz köpeldip durmagyň meseleleri boýunça maksatnamalaryň ýerine ýetirilmegine umumy ýolbaşçylygy we gözegçiligi amala aşyrýar;

4) tokaýlary ýangyndan goramak goramak çäreleri amala aşyrlanda Türkmenistanyň ýangyn howpsuzlygy babatynda ygtyýarly edaralary bilen bilelikde tokaýdan peýdalanylanda tokaýdan peýdalanyjylar tarapyndan işlenip taýýarlanylan ýangyna garşy göreş çäreleriniň meýilnamalaryna talaplary ýangyn howpsuzlyk edarasy bilen bilelikde kesgitleýär;

5) Türkmenistanyň kanunçylygynda ygtyýarlyklaryna degişli edilen beýleki wezipeleri amala aşyrýar.

12. Döwlet tokaý goragynyň gündeki işlerine ýolbaşçylygy, Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak ministrliginiň Tokaý hojalygy müdirliginiň başlygy amala aşyrýar we ol şol bir wagtda Döwlet tokaý goragynyň başlygynyň orunbasary bolup, aşakdaky borçlary ýerine ýetirýär:

1) Döwlet tokaý goragynyň işini netijeli amala aşyrmak üçin, şahsy jogapkärçilik çekýär;

2) Döwlet tokaý goragynyň başlygynyň rugsady bilen öz adyndan ýerlerdäki gurluş birliklere, tokaý gaznasynyň ýagdaýy, abat saklanylyşy, goralyşy, peýdalanylyşy we tokaýlaryň üznüksiz köpeldilişi

barada hatlar, tabşyryklar we görkezmeler berýär we ýerine ýetirlen işler barada hasabatlary talap edýär;

3) Döwlet tokaý goragynyň ýerlerdäki gurluş birlikleriniň netijeli işlemegi üçin şertleri döredýär we işgärleriniň wezipe borçlaryny talaba laýyk berjaý edilmegini üpjün edýär;

4) Döwlet tokaý goragynyň işini kämilleşdirmek boýunça kadalaşdyryjy hukuk namalaryň, gollanmalaryň hem-de teklipleriň, guramaçylyk we beýleki çäreleriň, maksatnamalaryň, meýilnamalaryň taslamalaryny taýýarlamaga gatnaşýar hem-de olary Döwlet tokaý goragynyň başlygynyň garamagyna hödürleýär;

5) Döwlet tokaý goragynyň gurluş birlikleriniň işinde, buýruklaryň, görkezmeleriň, gollanmalaryň we beýleki namalaryň ýerine ýetirilişine gözegçilik edýär.

13. Tokaý hojalyklarynda tokaý goragynyň işine ýolbaşçylygy baş tokaýçynyň üsti bilen, Tokaý hojalygy müdirliginiň başlygynyň orunbasary amala aşyrýar.

14. Baş tokaýçy, tokaý gaznasynyň çäginde, tokaý goragyň işini netijeli amala aşyrmak üçin, şahsy jogapkärçilik çekýär.

15. Tokaý hojalyklaryň, tokaý gorag boýunça bölümiň başlygy önümçilik bölümleriniň başlyklary (Tokaýçylary) bilen bilelikde, tokaý goragçylaryň işini gurnaýar we gözegçilik edýär hem-de tokaý goragyň işi boýunça hasabatlar taýýarlaýar.

16. Tokaýlaryň gös-göni goragyny tokaýçylaryň ýolbaşçylygynda öz goramaly meýdançasynyň çäginde tokaý goragçylary alyp barýarlar.

17. Döwlet tokaý goragynyň işgäri degişli tapawutlandyryjy belgileri bolan, bellenilen nusgadaky bir lybasly egin-eşik bilen üpjün edilmelidir.

18. Tokaýlary netijeli goramak üçin Döwlet tokaý goragy ulag, aragatnaşyk we beýleki tokaý goragyny amala aşyrmak üçin zerur maddy-tehniki serişdeler bilen üpjün edilýär.

## V bap. Jemleýji düzgünler

19. Türkmenistanyň Döwlet tokaý goragyň işi bilen baglanyşykly döräp biljek jedellere seretmegiň tertibi Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda amala aşyrylýar.

20. Şu Düzgünnama bilen düzgünleşdirilmedik beýleki gatnaşyklar Türkmenistanyň Tokaý kodeksine we Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalary bilen düzgünleşdirilýär.